# «Näme diýseler diýsinler…»

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
"Näme diýseler diýsinler…" “NÄME DIÝSELER DIÝSINLER…”

Näme diýseler diýsinler,
Goý, duýsalar, duýsunlar.
Sary saman boldum seniň yşkyňdan.
Üstüme ot guýsunlar.

Ile gürrüň gerek.
Bize – duşuşyk.
Duşuşmaga gözden-dilden gaçmaly.
Gaçmalymy?
Ýer şaryndan bökmelimi
Ýa asmana uçmalymy?

Deňziň gyrasynda däl,
Derýaň ýakasynda däl,
Duşuşmalymy biz suwuň düýbünde?
Haçana çen söýýän adam bir-birin
Görmelimi diňe düýşünde?

Sende ejap,
Mende gorky,
Sende utanç, haýa, namys,
Mende – nalyş.
Beýle bolsa hany söýgi?

Ol ejapdan aňyrdamy?
Ol gorkudan aňyrdamy?
Ol utançdan aňyrdamy?
Ol haýadan aňyrdamy?
Ol namysdan aňyrdamy?
Ol nalyşdan aňyrdamy?

Men saňa sataşyp,

Ýandym tutaşyp,
Bu yşkyň ataşyn söndürermi il?
Il söndürmez,
Sil söndürmez,
Agyzdan çykýan ataşy
Ikiarada söýgimizem kösenip,
Gepden gaçsak,
diňe özümizem däl,
Ikiarada söýgimzie kösenip,
Urunyp daglara-daşa,
Urulyp beton diwara,
Göýä ki Mejnun diwana
Giň çöllere çykar gider.
Dartylan ýaý bolsa söýgi,
Peýkam ondan sypar gider…

***

Bir hepdeläp meni görmän,
Söýüp bildiň, ezizim?
– Bir hepdeläp seni görmän,
Seniň wysalyň hakda
Goşgy ýazdym, ezizim!

– Bir hepdede menden başga
Näçe gyzy, näçe gelni
Söýüp bildiň, ezizim?
– Bir hepdeläp seni görmän,
Seniň wysalyň hakda
Goşgy ýazdym, ezizim!

– Sen telbemi ýa-da däli,
Haýp geçirip bir hepdäni?!

Atamyrat ATABAÝEW.

“Garagum” žurnaly, 1985 ý. Goşgular